Durmuşda şadyýan, ruhubelent ýaşamak, şeýle hem beýleki ynsanlary şatlandyrmak, göwnüni  galkyndyrmak ýaşaýyşyň ajaýyp duýgularyndandyr. Bagtly, şadyýan ýaşamagy hiç mahal çöldäki salgym ýaly görmäň. Bagtly, şadyýan bolup ýaşamak, durmuşyň lezzetini duýmak üçin ilki bilen töweregimizdäki ynsanlary bagtly etmegi öwreneliň, onuň ýollaryny gözläliň. Ýakynlaryňyzyň ýa-da bolmasa özge bir adamyň şatlyk nuruny çaýmagyňyz sizde uly begenç, şatlyk döreder.

Bagtly adamyň “Men bagtly şadyýan adam” diýmeginiň hiç manysy ýokdur. Sebäp diýseň, şol adamyny özüni alyp barşyndan , gepleýşinden, ýüzündäki ýylgyryşdan hat-da onuň gözlerindäki nurdan hem aňsatlyk bilen tanap bilersiňiz. Baran ýerini ýagtyldýan, ala-ýaza öwürýän ynsanlardan bolmak isleseňiz, onda bu ajaýyp  duýgyny, häsiýeti edil tigir sürmegi, suwda ýüzmegi öwrenýän çaga mysaly öwrenmäge synanyşyň.

**Gulmyrat ORAZOW**
**Türkmen döwlet binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.11.2024